# Hili bilen belli



*Dizaýnyň seljeriş prosesi*

Söwdany ýokarlandyrmagyň ilkinji tapgyry, önümiň daşky bezeginiň müşderileriň kalbynda neneňsi ýakymlylyk döredip biljekliginden ybaratdyr.

**Döwür kämilleşdigiçe ösüşleri başdan geçirýän ugurlaryň biri-de dizaýnerçilik hünäridir. Biz hem türkmen dizaýnerlerimiziň işi we täze maksatlary dogrusynda gyzyklanyp, «Belli bezeg» hususy kärhanasynyň çeper ýolbaşçysy Daýanç Babaýew bilen söhbetdeş bolduk.**

***Studiýamyzyň maksady güýçli brendleriň we halkara derejede tanaljak markalaryň döremegine ýardam etmekdir.***

**— Daýanç, ilki bilen kärhanaňyz barada gysgaça gürrüň beräýseňiz?!**

— «Belli bezeg» hususy kärhanasy Döwlet Geldiýewiň ýolbaşçylygynda 2014-nji ýylda Aşgabatda esaslandyryldy. Biz studiýamyzda edaralaryň, guramalaryň, dürli çäreleriň we harytlaryň brend keşbini emele getirmek, grafiki, önüm gaplarynyň dizaýny we wideo önümçilik işlerini alyp barýarys. Studiýamyzyň maksady güýçli brendleriň we halkara derejede tanaljak markalaryň döremegine ýardam etmekdir. Talabalaýyk hyzmat etmek üçin «hemişe kämilleşmeli» diýen ýörelgä eýerýäris. Studiýamyz hususy we döwlet kärhanalary üçin ençeme brend keşplerini döretdi we birnäçe önümleriň gaplarynyň dizaýnyny ýerine ýetirdi. Senagat önümleriniň dizaýnlaryny hem işläp düzdük. Grafiki we senagat önüm dizaýnlaryny amala aşyrmakda uly tejribe topladyk.

**— Heniz ýaş kärhanadygyna garamazdan, siziň studiýaňyzda eýýäm birnäçe iri taslamalaryň ýerine ýetirilendigini görmek bolýar...**

— 2016-njy ýylda V Aziýa oýunlarynyň resmi keşbini emele getirmek işi studiýamyza ynanyldy. Studiýamyzyň hünärmenleriniň ählisi ýaş hem örän hyjuwly. Dünýäde tomusky Olimpiada oýunlaryny gurnaýan öňdebaryjy kompaniýalarynyň biri bolan Beýik Britaniýanyň «Trivandi – Chanzo» kompaniýasy bilen hem işleşdik. Gurnaýjy kompaniýanyň talaplary esasynda ýokary hilli dizaýn ýerine ýetirmek üçin juda köp zähmet çekdik we milli gymmatlyklarymyzy häzirki zaman grafikasynda örän çeper beýan etmegi başardyk. Bu bize türkmen studiýasy hökmünde halkara derejesinde iş edip biljegimizi ynandyrdy hem uly tejribe boldy.

**— Siziň pikiriňizçe, harytlaryň geçginli bolmagynda dizaýneriň nähili täsiri bolup biler?**

Biz daşary ýurtly dizaýnlerlere öýkünmezlige we olaryň işine meňzeş bolmadyk keşpleri döretmäge çalyşýarys. Mysal üçin, halkymyza niýetlenen önümleriň gabynda daşary ýurtly dizaýneriň pikiri bilen taýýarlanan keşbi ulanmaklygy dogry hasaplamaýarys. Harydyň geçginli bolmagy diňe gabynyň dizaýnyna bagly däl. Dizaýn önümiň hili esasynda özboluşlylygy emele getirýär. Şol sebäpden biz önümçilik kärhanalar bilen bilelikde iş alyp barýarys, çünki dizaýn müşderiniň tassyklamagy bilen tamamlanmaýar. Ol önümiň özboluşlylygyny dogry tanadan we özüne alyjy tapan ýagdaýynda tamamlanýar.

**— Biziň studiýamyz öndürilýän önümleriň daş görnüşi boýunça dünýä derejesinde bäsdeşlige ukyply keşpleri oýlap tapmakda hemişe gözlegde.**

**— Ýurdumyz «Aziada – 2017»-niň bosagasynda dur. Bu halkara derejeli çärä her bir pudak öz mynasyp goşandyny goşmagyň aladasynda...**

— Ilki bilen, studiýamyzyň «Aşgabat 2017»-niň resmi keşbiniň hekaýasyny düzendigini belläsim gelýär. Hekaýaly animasiýamyza «Aşgabat 2017»-niň resmi web sahypasynda tomaşa etmek bolýar. Hut şol hekaýa esasynda-da «Aşgabat 2017»-niň resmi keşbi emele getirildi. Bu bolsa Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa Oýunlarynyň ähli dizaýnlarynyň şol hekaýa esaslanmalydygyny aňladýar. Resmi keşbiň grafikasyny hem özboluşly stil arkaly çyzdyk. Bu babatda türkmen milli nagyşlaryny täze, döwrebap görnüşde utgaşdyrmaly diýen karara gelindi. Şeýlelikde, resmi keşpde ýerleşdiriljek şekiller çyzyldy, reňkler çykaryldy we resmi keşbiň ulanyş düzgünnamasy kesgitlenildi. Şeýle-de Oýunlaryň adyny alamatlandyrýan «Aşgabat 2017» ýazgyly nyşany resmi keşbiň tematikasy esasynda dizaýn edildi.

**— Iş prosesiňiz bilen hem gysgaça tanyşdyraýsaňyz?!**

– Hyzmatlarymyzdan peýdalanmak isleýänleri, ilki bilen, studiýamyza çagyrýarys we işleýiş şertlerimiz bilen tanyş edýäris. Taslama boýunça ylalaşyga gelnensoň, gerek bolan ýerlerde seljeriş işleri geçirilýär. Seljerişiň netijesi boýunça çözülmeli mesele ýüze çykarylýar we çeper ýolbaşçy tarapyndan ýörite çözgütler kesgitlenilýär. Taslama işine döredijilik bölümimiz hem dahylly. Dizaýnerler çeper ýolbaşça taslamanyň ideýasyny görkezýärler. Soňra taýýarlanan ideýalar müşderä hödürlenýär. Taslama illustratorçylar we ýazgy grafikaçylary goşulyp bilýär. Her işiň ahyrky görnüşini çeper ýolbaşçy tassyklandan soň müşderä hödürlenýär.

*Dizaýn prosesi*



**— Geljekde nähili meýilnamalary amala aşyrmak isleýärsiňiz?**

— Dizaýnerler hem döredijilik adamlary ýaly hemişe gözlegde. Kämilligiň çür başyna çykan ýok. Bu dizaýnerçilik işinde-de şeýle. Hormatly Prezidentimiziň ata Watanymyzda döretmäge, zähmet çekmäge döreden mümkinçiliklerinden hoşallygymyz çäksizdir.

**— Daýanç, beren täsirli gürrüňleriňiz üçin köp sag boluň! Işiňizde uly üstünlik gazanmagyňyzy arzuw edýäris!**



Sagdynlyk. Ruhubelentlik. Dostluk.

Söhbetdeş bolan
Biznes reklama Rejep ORAZMUHAMMEDOW